# Howlugýaňmy?

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Howlugýaňmy? HOWLUGÝAŇMY?

Gün-günden ulalýaň, oglum,
Parhyna barýanam dälsiň.
Aý, barjagam bolma şoňa,
Bu duýgy bir mende galsyn.

Ýatsaň-tursaň arzuw edýäň
Basymrajyk ulalmany.
Çyn eken günäsiz çagaň
Arzuwnyň hasyl bolýany.

Ösüp barýaň ers-mers bolup,
Düýnki köwşüň bu gün kiçi.
Asyl saňa dar görünýär
Tutuş öýümiziň içi.

Basymrajyk ulaljak-da,
Ýazlyp-ýaýrap ýaşajaksyň.
Ýaşajaksyň,
Ýöne welin
Şuny bilgin, köşejik sen.

Ulalmaga howlukma-da,
Çagalykda gal azajyk.
Ululara bir nazar sal
Çagalykda galagajyk.

Arkasynda ýükli halta
“Bir başly, müň işlileriň”.
Güni pikir edişiňçe
Däldir olaň hiç biriniň.

Ine, olar ulalypdyr,
Tüýs seniň diýýän ýaşyňda.

Ýöne haýsy birin görseň,
Sypalan bolup başyňdan,

Gözügidijilik bilen
Serederler saňa, bala.
Şu aýdanym ýeterlikmi
Ululary tanamaga?!

Gyssanyp ýol alyp bolmaz,
Wagty geler, ulalarsyň.
Mekdep…
Soňra uniwersitet,
Bir gün kaka-da bolarsyň.

…Şu gün näme diýenimi
Ana, sen şonda bilersiň. Goşgular